***«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» şygary astynda geçýän Medeniýet hepdeligi täsirli wakalary bilen oňa gatnaşyjylar we ähli watandaşlarymyz üçin ýatda galyjy baýramçylyga öwrüldi. Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet gününe gabatlanyp geçirilýän bu giň gerimli döredijilik çäresiniň esasy maksady türkmen halkynyň ruhy-medeni mirasyny, özboluşly däp-dessurlaryny, milli gymmatlyklaryny wagyz etmekden ybaratdyr.***

2013-nji ýyldan bäri yzygiderli guralýan medeni forum umumadamzat gymmatlyklarynyň genji-hazynasyna uly goşant goşan halkymyzyň taryhy-medeni mirasy bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik berip, ýurdumyzda giňden bellenilýän Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet gününe gabatlanyp geçirilýär. Ol döredijilik işgärleriniň hünär taýdan kämilleşmegine, täze zehinleri ýüze çykarmaga, ilatyň medeni derejesini artdyrmaga itergi berýär. Bu döredijilik baýramy şanly waka hökmünde Garaşsyz Türkmenistanyň täze taryhynda mynasyp orun eýeleýär. Ýurdumyzyň sebitleriniň her biri Medeniýet hepdeligini nobatma-nobat kabul etmek bilen, Watanymyzyň ösüşine goşýan goşandyny, gazanýan üstünliklerini, döredijilik kuwwatyny görkezmäge çalyşýar.

Hepdeligiň çäklerinde geçirilýän çäreleriň opera, aýdym-saz, kino we teatr, şekillendiriş, amaly-haşam sungaty, edebiýat, halk döredijiligi ýaly häzirki zaman türkmen medeniýetiniň ähli ugurlaryny özünde jemleýändigini bellemek gerek. Mälim bolşy ýaly, şu ýyl Medeniýet hepdeligi Ahal welaýatynda geçirilýär. Gadymy Ahal ýaýlasyndaky sungat baýramçylygy halkymyzy dürli ugurlarda täze zähmet ýeňişlerine, medeniýet ulgamynda ýokary derejelere ýetmäge ruhlandyrýar.

Umuman, Medeniýet hepdeliginiň çäreleri milli medeniýetimizi we sungatymyzy ösdürmäge köptaraply çemeleşilýändigini hem-de hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda türkmen jemgyýetiniň ägirt uly ruhy-döredijilik kuwwatyny ýokarlandyrmak boýunça giň gerimli işleriň alnyp barylýandygyny görkezdi.

**Arslan RAHYMOW,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň**
**Halkara gatnaşyklary institutynyň**
**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026